***Haýsy ýurtda baýramlar baýramlara, toýlar toýlara ulaşýan bolsa, şol döwletde bagtyýarlygyň höküm sürýändiginden, halkyň agzybirliginden, jemgyýetiň abadanlygyndan, şol ýurtda ägirt uly ösüşleredir üstünliklere eýe bolunýandygyndan nyşandyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ata Watanymyzda baýramlaryň baýrama, toýlarymyzyň toýlara ulaşýandygyna hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli guralýan dabaralaryň mysalynda hem aýdyň göz ýetirýäris.***

Arkadagly Gahryman Serdarymyz şu ýylyň 19-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda: «Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen we Konstitusiýamyzda hemişelik berkidilen oňyn Bitaraplygymyzdan ugur alyp, biz ähli döwletler, abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça zerur tagallalary edýäris» diýip belledi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi ählumumy parahatçylygy üpjün etmek boýunça tagallalaryň dünýäde giňden goldanylýandygynyň güwäsi boldy.

Bitaraplygy BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen ilkinji döwlet bolmak bilen, Türkmenistan hyzmatdaşlygyň syýasy-diplomatik usullarynyň ähli gurallaryny işjeň ulanyp, dünýä bileleşiginiň giň goldawyna mynasyp bolýar. Şunda 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG tarapyndan Watanymyza hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň berilmegi ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän hoşniýetli goňşuçylyk däpleriniň ykrarnamasy boldy. Şeýle hem 2015-nji ýylda we şu ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini aýdyň görkezýär.

Bitaraplyk taglymatyny dabaralandyryp, halklaryň we ýurtlaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak ugrunda dünýä nusgalyk başlangyçlary öňe sürýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsunlarymyzy aýdýarys.

**Akmyrat JUMANYÝAZOW,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň pedagogika fakultetiniň matematika mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026